# Ýegi bolsañ-da

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Ýegi bolsañ-da ÝEGI BOLSAÑ-DA



— Sözle gözel didäm, söýüñde gadam,
Sözle gözellerden ýegi bolsañ-da.
Belent uçma, indererem howadan,
Sen bir kömür gözli hüýri bolsañ-da.

– Oglan, seniñ bu sözüñi küýsärem,
Seni zülpüñ tellerine asaram,
Bu görünen gala meniñ Hysarym,
Gelme meñ ýanyma weli bolsañ-da.

– Heý, gyz, seniñ ol galañy ýykaram,
Gara toprak hint iline dökerem,
Galadan üstüñe köpri ýaparam
Geçerem Tunanyñ sili bolsañ-da.

– Oglan, sen-de çalynmyş sen galama,
Kiçijeksiñ, daýanmagyn bilege.
Çykar köýnegiñi, gel, gir goýnuma,
Söýdüm oglan eger däli bolsañ-da.

– Garajaoglan diýer, nedir menimiz,
Tupanly, boranly, garly dagymyz,
Gyz seni synadym, biliñ çägiñiz,
Alman mundan soñra, hüýri bolsañ-da.

GarajaOGLAN. Goşgular